THE
ASHGABAT
TIMES

Dünýä belli tebip Lukman Hekim—Abu Aly ibn Sina (Awisenna) hakda köp rowaýatlaraýdylýar. Ýöne henizeçenli «üç müň üç ýüz ýaşan» Lukman Hekimiň «Tebipçilik ylmynyn kanunlary» atly bäş tomluk genial işinden

Ajy ýowşan.Onuň häsietleriniň biri egin-eşikleri mör-möjeklerden goramakdyr. Ol syýanyň reňkini üýtgetmän saklaýar we kagyza güýe düşürmeýär. Ajy ýowşan ýüzüň reňkini durlaýar, gözüň aşagyndaky we teniň beýleki ýerlerindäki gök tegmilleri aýyrýar. Onuň sykylyp alnan suw-şiresi kellagyry döredýär. Ýöne men muny otuň aşgazana zyýanly bolany üçindir diýip pikiredýärin. Suwa gaýnadylan ýowşanyň bugy gulakda agyry dörände kömek edýär. Eger-de ýowşany soda garyp, kentlewüge goýsan, ol «içki angina-da» haýyr edýär. Ol gulaklaryň gabadyndaky çişlere we gulak agyrysynda hem-de gulakdan iriň akanda melhem bolýar. Eger ajy ýowşanyň gaýnadylan lötüni we sykylyp alnan şiresini her gün üç obol möçberde on günläp içseň, ol işdäňi açýan ajaýyp serişdedir. Ýowşan şeraby aşgazany berkidýär. Eger ýowşany tüwibilen gaýnadyp iýsek, içege gurçuklaryny öldürýär.

Ajy ýowşanyň sykylyp alnan şiresi aşgazana ýaramaz täsir edýär. Bagyr, aşgazan we böwürek agyranda, ýowşandan ýapgy etmeli. Ol bu organlaryň agyrysyny köşedýär.Ajy ýowşanyň, aýratynda sirke goşulan melheminiň içilmegi içýan çakanda we kömelekden zäherlenilende peýdasy degýär.

**Nurýagdy ŞIHMEDOW**
**Türkmen döwlet**
**maliýe institutynyň talyby**

Все права защищены